# Ergeneksiz / ýumoreska

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Ergeneksiz / ýumoreska ERGENEKSIZ



Goňşy aýal ýaş gelinden:
– Gelin, ataň öýünde kim bar? – diýip soraýar.
Gelin ýylgyrjyrap:
– Enemem, ejemem, kakamam, jigilerimem bar – diýip, jogap berýär.
– Olardan haýsyny has oňat görýäň?
– Elbetde, enemi.
– Näme üçin, beýlekiler eneňçe ýokmudy?
– Olaram oňat. Ýöne men enemiň pensiýasyndan geregimi alyp özüm sowunýaryn. Gowy görýänimem şonuň üçin.
– Onda gaýyneneňem ýaman görýän dälsiň-le?

– Heýem garrylary erbet görüp bolarmy? Men-ä bu ýerde-de gönenýän. Gaýynenemiňem, gaýynatamyňam pensiýasyndan gyrp-çyrp edýän.
– Alanja pullaryňy nädýäň?
– Näder öýdýäňiz?
– Men näbileýin.
– Aý, şokolada, kökä, morožna berip, hiç kime dadyrman, ýeke özüm iýäýýän.
– Sen-ä, tüýs gelinjan ekeniň-ow. «Öwrenilen gylyk örkleseňem durmaz» diýilýänini edýän ekeniň-ow. Keýgim kesbiňden kemal tap…
Meretdurdy TEMMIMOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 14.01.2000 ý. Satiriki hekaýalar